# Hoz agaçlary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hoz agaçlary HOZ AGAÇLARY

Gök başymyz öwşün atýar howada,
Kök uran düýplerňiz demir mysaly.
Ot bitenok size gelýän ýol-ýoda,
Şeýle bolýar diňe köşkleriň ýoly.

Şahyrlar wasp etdi hoz agaçlaryn,
Gyjak bary aýdym aýtdy siz hakda.
Yzgytsyz ýel ýygnap dargan saçlaryn,
Kem-kem aram tapdy sansyz pudakda.

Siz juda erjel hem sabyrly hozlar,
Ýere kök urduňyz, göge galdyňyz.
Gabykda ýatandyr emgekden yzlar,
Emgek çekip, äpet daragt bolduňyz.

Tupan gelip, aýylganç ýel at çapýar,
Daragtlar ejizläp, batlanýar sesem,
Size bakyp, şol daragtlar güýç tapýar,
Diýmek, sizi birleşdirýär bir kasam.

Pawel BOSU,
Moldowan şahyry.

Rusçadan terjime eden: Allaberdi HAÝYDOW. Goşgular